Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTAN BU GÜN BEÝIK TARYHY DÖWRE GADAM BASYP, GURMAK WE DÖRETMEK ÝOLY BILEN ÖŇE BARÝAR.

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

# MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

2026-njy ýylyň 23-nji sentýabry

№ 76 (10518)

ÇARŞENBE



# BELENT ÖZGERTMELERIŇ AÝDYŇ BEÝANY

**21-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.**

Ilki bilen, Ahal welaýatynyň häkimi T.Nurmyradowa söz berildi. Ol welaýatda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ekerançylyk meýdanlarynda bugdaý ekişi dowam edýär. Ekişde oba hojalyk tehnikalary we gurallar netijeli işledilip, gallaçy daýhanlar ýokary hilli bugdaý tohumy bilen üpjün edilýär. Ekiş geçirilen meýdanlarda gögeriş suwy tutulýar. Ýetişdirilen pagta hasylyny gysga wagtda, ýitgisiz ýygnap almak boýunça işler alnyp barylýar. Möwsümde pagta ýygyjy kombaýnlary, beýleki tehnikalary netijeli işletmek, ýygnalan hasyly kabul ediş harmanhanalarynda, pagta arassalaýjy kärhanalarda bökdençsiz kabul etmek babatda zerur çäreler görülýär.

Welaýatyň güýzlük ýeralma, gök-bakja, beýleki azyklyk ekinleri ekilen meýdanlarynda ideg etmek hem-de ýetişdirilen hasyly ýygnap almak işleri geçirilýär. Şeýle-de häkim ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllyk baýramy mynasybetli geçiriljek dabaraly çärelere taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häzirki wagtda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işlerini, hususan-da, bugdaý ekişini, pagta ýygymyny guramaçylykly geçirmegiň zerur talap bolup durýandygyny belledi we bu babatda häkime anyk tabşyryklary berdi.

Balkan welaýatynyň häkimi R.Jumaýew welaýatda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda sebitde bugdaý ekişi dowam edip, ekişde oba hojalyk tehnikalaryny doly güýjünde işletmek, önüm öndürijileri ýokary hilli bugdaý tohumy bilen üpjün etmek üçin zerur çäreler görülýär. Ekiş geçirilen meýdanlarda gögeriş suwy tutulýar. Ýetişdirilen pagta hasylyny gysga wagtda ýitgisiz ýygnap almak, ýygnalan hasyly pagta arassalaýjy kärhanalarda, kabul ediş harmanhanalarynda bökdençsiz kabul etmek babatda degişli işler alnyp barylýar. Ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak barada öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, güýzlük ýeralma, gök-bakja we beýleki azyklyk ekinleri ekilen meýdanlarda ideg işleri geçirilýär. Welaýatda Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygy mynasybetli medeni-köpçülikleýin çäreleri guramaçylykly geçirmek üçin degişli taýýarlyk işleri alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häzirki wagtda oba hojalygynda jogapkärli möwsümiň dowam edýändigini belledi we häkime bugdaý ekişini agrotehniki möhletlerde geçirmek, ýetişdirilen pagta hasylyny ýitgisiz ýygnap almak üçin ähli zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

Daşoguz welaýatynyň häkimi D.Babaýew welaýatda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Hasabatda bellenilişi ýaly, sebitde bugdaý ekişi dowam edip, möwsümi agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda, bellenen möhletde we ýokary hilli geçirmek boýunça degişli işler ýerine ýetirilýär. Ekiş geçirilen meýdanlarda endigan gögeriş alynýar. Bugdaý ekilmeli meýdanlarda tagt suwy tutulýar. Şunuň bilen birlikde, welaýatda pagta ýygymynyň depginini güýçlendirmek, ýetişdirilen hasyly gysga wagtda, ýitgisiz ýygnap almak boýunça çäreler görülýär. Ýygym möwsüminde ulanylýan kombaýnlar, beýleki tehnikalar netijeli işledilip, ýygnalan hasyl pagta kabul ediş harmanhanalarynda bökdençsiz kabul edilýär. Güýzlük ekilen gök-bakja, beýleki azyklyk ekinlere ideg işleri geçirilip, ýetişdirilen hasyly ýygnamaga taýýarlyk görülýär. Welaýatyň şaly ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri dowam edýär. Şeýle hem häkim Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramy mynasybetli geçiriljek dabaraly çärelere görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, bugdaý ekişiniň bellenen möhletlerde ýokary hilli geçirilmegini, daýhan yhlasy bilen ýetişdirilen pagta hasylynyň gysga wagtda, ýitgisiz ýygnalyp alynmagyny ileri tutulýan wezipeleriň hatarynda görkezdi hem-de häkime birnäçe anyk görkezmeleri berdi.

Lebap welaýatynyň häkimi H.Aşyrmyradow welaýatda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi.

Hasabatda bellenilişi ýaly, sebitde bugdaý ekişini agrotehniki möhletlerde we ýokary hilli geçirmek maksady bilen, oba hojalyk tehnikalary, ekiji gurallar doly güýjünde işledilýär. Ekiş geçirilen meýdanlarda gögeriş suwy tutulýar. Welaýatda pagta ýygymynyň depginini güýçlendirmek, ýygnalan hasyly pagta arassalaýjy kärhanalarda, kabul ediş harmanhanalarynda bökdençsiz kabul etmek boýunça zerur çäreler görülýär. Möwsümde ulanylýan oba hojalyk tehnikalarynyň doly güýjünde işledilmegine aýratyn üns berilýär. Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak barada berýän tabşyryklaryndan ugur alnyp, welaýatyň güýzlük ýeralma, gök-bakja, şaly ekilen meýdanlarynda ideg işleri dowam edýär. Sebitde ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramy mynasybetli medeni-köpçülikleýin çäreleri guramaçylykly geçirmek üçin degişli taýýarlyk işleri alnyp barylýar.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, bugdaý ekişini agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda geçirmek, ýetişdirilen pagta hasylyny gysga wagtda ýygnap almak üçin ähli zerur çäreleriň görülmelidigini belledi we bu babatda häkime degişli tabşyryklary berdi.

Mary welaýatynyň häkimi B.Orazgylyjow welaýatda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, möwsümleýin oba hojalyk işleriniň çäklerinde bugdaý ekişi dowam edip, bu jogapkärli möwsümi ýokary hilli geçirmek üçin zerur işler alnyp barylýar. Ekişde oba hojalyk tehnikalary doly güýjünde işledilýär. Ekiş geçirilen meýdanlarda kadaly gögeriş almak üçin agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda zerur işler ýerine ýetirilýär. Welaýatda pagta ýygymynyň depginini güýçlendirmek, ýetişdirilen hasyly gysga wagtda, ýitgisiz ýygnap almak babatda degişli işler alnyp barylýar.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, häzirki wagtda oba hojalygynda ýaýbaňlandyrylan möwsümleýin işleriň möhüm ähmiýetini belledi we häkime welaýatyň ekerançylyk meýdanlarynda dowam edýän agrotehniki çäreleriň, hususan-da, bugdaý ekişiniň, pagta ýygymynyň ýokary hilli we guramaçylykly geçirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda welaýatlarda bugdaý ekişini agrotehniki möhletlerde geçirmek boýunça degişli işler ýerine ýetirilýär. Ekişde ulanylýan oba hojalyk tehnikalaryny netijeli işletmek, gallaçy daýhanlary ýokary hilli bugdaý tohumy bilen üpjün etmek üçin zerur çäreler görülýär. Ekiş geçirilen meýdanlarda gögeriş suwy tutulýar. Pagtaçy daýhanlaryň tutanýerli zähmeti bilen ösdürilip ýetişdirilen pagta hasylyny gysga wagtda, ýitgisiz ýygnap almak boýunça degişli işler geçirilýär. Möwsümde oba hojalyk tehnikalaryny doly güýjünde we netijeli işletmek, ýygnalan hasyly pagta arassalaýjy kärhanalarda, kabul ediş harmanhanalarynda bökdençsiz kabul etmek ugrunda zerur çäreler görülýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalyk pudagynyň milli ykdysadyýetimizdäki möhüm ornuna ünsi çekdi we wise-premýere oba hojalyk önümleriniň öndürilýän möçberini yzygiderli artdyrmak arkaly ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak, pudagy ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, häzirki wagtda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işlerine ýene-de bir gezek ünsi çekdi we welaýatlarda bugdaý ekişini agrotehniki kadalara laýyklykda, ýokary hilli geçirmegiň, ekişde tehnikalary doly güýjünde işletmegiň, tagt hem-de gögeriş suwuny tutmak işlerini öz wagtynda geçirip, bugdaý ekilen meýdanlarda kadaly gögeriş almak üçin ähli zerur çäreleri görmegiň möhümdigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow iş maslahatyny jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

**«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda toýlar toýlara ulaşýar. Bu günki gün halkymyz ýurt Garaşsyzlygymyza buýsanýar we şanly toýy uly dabaralara besleýär. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllyk toýuna ruhubelentlik bilen barýan günlerimizde ýurdumyzda belent üstünlikler gazanylýar, halkymyzyň baýramçylyk joşguny has-da goşalanýar.**

# MUKADDES GARAŞSYZLYK — BAKY BAGTYÝARLYGYŇ ŞUGLASY

Häzirki ajaýyp döwrümizde Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde beýik ösüşler gazanylýar. Bilşimiz ýaly, şu ýylymyzda ençeme desgalar açylyp ulanmaga berildi. Bu beýik işler, gurlan we gurulýan desgalar ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny, halkymyzyň bagtyýarlygyny aýdyň beýan edýär. Bu gün şeýle ajaýyp üstünliklere buýsanýarys, toýlar uludan tutulýar. Ýurdumyzda gazanylan ösüşler, belent üstünlikler bolsa şanly baýramymyza toý sowgady bolup kalplarda orun aldy.

Häzirki ajaýyp döwrümizde Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde ýurdumyz ösüşlerden ösüşlere bedew batly gadamlar bilen barýar. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly hem şanly ösüşlere, belent üstünliklere beslendi. Şu ýylyň dowamynda gazanylan üstünlikler, beýik ösüşler sanardan juda kändir. Munuň özi häzirki ajaýyp döwrümiziň beýik ösüşler bilen dabaralanýandygyny aýdyň görkezýär. Bagtyýar ildeşlerimiz her bir güni mähir-muhabbet, ýagşy arzuw-niýetler bilen garşy alýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ösüşlere besleýän eziz Watanymyzda ýagşy arzuwlar, maksatlar bilen başlanan her bir iş bolsa üstünliklere beslenýär.

Üstünlige beslenen şu ýylymyzda milli gymmatlyklarymyz dünýä ýaýyldy, ahalteke bedewlerimiziň şan-şöhraty dünýä doldy. Hut şonuň üçin hem «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň toýly günlerinde şanly wakalaryň, buýsançy pursatlaryň bolandygyny aýratyn belläsimiz gelýär. Bu buýsançly pursatlar her bir raýatyň, her bir ildeşimiziň köňlüne şatlyk, begenç duýgularyny eçilendir. Berkarar Watanymyzda gazanylýan uly üstünlikler, ýetilýän täze sepgitler hormatly Prezidentimiziň beýik işleriniň, durmuşa geçirilýän belent maksatlaryň rowaçlanýandygyny görkezdi. Gazanylan beýik ösüşler ýurdumyzyň aýdyň ýollardan barýandygyny we röwşen geljeginiň has-da ösüşlidigini dünýä aýan etdi. Döwür öňe tarap barýar, durmuş ösýär, özgerýär, täze sepgitlere eýe bolýar. Şu ýyl gazanylan beýik ösüşler halkymyzyň durmuşynda aýdyň maksatlar bolup kalba dolýar.

Hawa, häzirki günlerde ýurdumyz mukaddes Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk toýuny uludan toýlaýar. Bu bolsa bütin halkymyzy begendirýär, buýsandyrýar.

2

# WATAN DIŇE HALKY BILEN WATANDYR!

# AHALTEKE BEDEWLERI — HALKYMYZYŇ BUÝSANJY



Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Köpetdagyň etegindäki gözel künjekde bolup, behişdi bedewler üçin döredilen mümkinçilikler we olary ösdürip ýetişdirmegiň ugurlary boýunça alnyp barylýan işleriň ýagdaýy bilen tanyşdy.

Gahryman Arkadagymyz ýol bilen gidip barşyna, ady rowaýata öwrülen we Türkmenistanyň tugrasynda orun alan Ýanardagyň hormatyna gurlan binanyň ýanyna geldi.

Bu ýerde Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwanynyň iş dolandyryjysy H.Hajymyradow bu ýoluň gurluş aýratynlyklary, onuň her bir tapgyrynyň gurluşygynyň halkara görkezijilere laýyk derejede ýerine ýetirilendigi, aýlawly ýoluň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylyş derejesi barada giňişleýin maglumat berdi.

Soňra Milli Liderimiz «Ýanardag» binasynyň daşyndan aýlaw etdi. Täze ýoluň yşyklandyryş ulgamy häzirki zamanyň ösen tejribesine laýyklykda, täzeçil tehnologiýalar esasynda enjamlaşdyrylypdyr. Ýol gurluşygynda öňdebaryjy tejribeleriň ulanylmagyna, onuň gönüligine we tekizligine aýratyn ähmiýet berlipdir. Ýol ýakalarynda ekilen baglar bu künjegiň ekologik derejesiniň has-da gowulanmagyna oňyn täsirini ýetirýär. Ýol belgileri, ýoluň ýakasynda oturdylýan granit daşlary, ýanýodalar häzirki zaman talaplaryna doly laýyk gelýär. Şeýle-de sil akabalarynyň üstünden gurulýan köprüleriň berkligine, uzak möhletleýinligine, gurluşyk serişdeleriniň hiline möhüm ähmiýet berildi. Şunda sil suwlaryny bir ýere jemlemek we olary gaýtadan ulanmak meseleleri ylmy esasda öwrenildi.

Gahryman Arkadagymyz, ýol gurluşygynda bolşy ýaly, ýurdumyzyň dürli künjeklerinde, aýratyn-da, bedewleriň ösdürilip ýetişdirilýän ýerlerinde ajaýyp atlaryň heýkelleriniň oturdylmagynyň halkymyzyň, hususan-da, ýaşlaryň behişdi bedewlerimize bolan buýsanjyny artdyrýandygyny belläp, bu babatdaky işleriň ýokary derejede amala aşyrylmagyna jogapkärçilikli çemeleşilmelidigine ünsi çekdi. Ýurdumyzda bedewleri ösdürip ýetişdirmek işinde dünýäniň ösen tejribesi we türkmen atşynaslarynyň milli ýörelgeleri utgaşdyrylýar.

Soňra ahalteke bedewlerine aýratyn gadyr goýýan Milli Liderimiz atyň taýçanaklykdan belent başly bedewe öwrülen şekilini janlandyrýan «Atly aýlaw» halkalaýyn ýolunyň deňine geldi.

Aýlawly ýoluň abadançylygy, ýol ýakalarynyň döwrebaplaşdyrylyşy, bu künjegiň yşyklandyryş ulgamynyň aýratynlyklary barada Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň wise-prezidenti B.Rejepow maglumat berdi.

Gahryman Arkadagymyz ahalteke bedewleri bilen baglanyşykly alnyp barylýan işleriň ýokary hil derejesinde ýerine ýetirilmegi, olaryň bu künjegiň gözelligine gözellik goşmak bilen bir hatarda, ynsan ruhuny belende götermekde ähmiýetlidigini belläp, bu babatda degişli ýolbaşçylara maslahatlaryny berdi. Bu ýerde oturdylýan bedewiň ak reňkde bolmagy türkmen halkynyň «Ak zat alnyňa ýagşy» diýen paýhasly jümlesine laýyk gelýär. Bedewiň ýüzüniň ileri tarapa seretmegi bolsa ýurdumyzyň ösüşleriniň ilerleýändigini alamatlandyrýar.

Soňra Halk Maslahatynyň Başlygy ýoluny dowam edip, düýpli döwrebaplaşdyrylan, täzeden gurlan Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna geldi.

Toplumyň çäginde oturdylan şekilleriň özboluşly görnüşini özünde jemleýän Ýer togalagy we onuň üstünde ýerleşdirilen taýçanak onuň esasy aýratynlygydyr. Bu ýerde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň rektory P.Baýramdurdyýew heýkeliň özboluşly aýratynlyklary barada gürrüň berdi.

Bedewleriň tebigat bilen sazlaşygyny görkezýän şekilde sebitde ilkinji gezek Ýer togalagynyň kebelek şekillerinden ybarat binýadynyň bolmagynda çuňňur many bar. Kebelek dünýä halklarynda, şol sanda türkmenlerde kalbyň açyklygynyň, täzeden döreýşiň, söýginiň, gözelligiň, erkinligiň we asudalygyň nyşany hasaplanýar. Şoňa görä, şekilde kebelegiň durmuşdaky kynçylyklary ýeňip geçmegiň, ösüşiň we tebigy sazlaşygyň ugurlary öz beýanyny tapýar. Kebelekleriň ganatlary bolsa erkinligi, durmuş ajaýyplygyny, nepisligi alamatlandyrýar.

Gahryman Arkadagymyz bu şekiliň özboluşly usulda taýýarlanylyşyna ýokary baha berdi. Munuň özi türkmen halkynyň milli buýsanjyna öwrülen bedewiň taýçanagynyň dünýäniň depesine çykyp, halkara giňişlikde ajaýyplygyň nusgasy hökmünde ykrar edilýändigini özboluşly usulda beýan edýär.

Ýörite bölümde Hazar deňziniň şekili bolup, onda häzirki zamanyň täzeçil tehnologiýalary arkaly bedewiň deňziň gyrasynda duran şekilini janlandyrmak mümkinçiligi üpjün edilipdir. Kenar ýakasynda peýwagtyna gezelenç edýän bedew bilen surata düşmek adamlarda ýakymly ýatlamalary döreder.

Bölümdäki bahar paslynyň joş alýan pursatlarynda gül-gülzarlyga beslenen ýaşyl ýaýlalaryň şekiliniň hem surata düşýänleriň gyzyklanmasyna mynasyp boljakdygy şübhesizdir. Bahar paslynda türkmen kalbyna çalymdaş sähralar haly düşelen ýaly keşbe eýe bolýar. Gülleriň içinde bedew bilen surata düşmek, hususan-da, ýaşlarda ýatdan çykmajak duýgulary döreder. Garagum sährasynyň ýakymly görnüşleri ak alaňlaryň üstünde gezelenç edýän bedewiň şekilini döretmäge mümkinçilik berýär. Bu şekiller eýer-esbaba beslenen bedewleriň gözelligi bilen utgaşýar.

Gahryman Arkadagymyz bu görnüşleri synlap, toplumyň bu künjeginde ýaşlaryň surata düşmekleri, bagşy-sazandalaryň şekilli görnüşleri ýazgy etmekleri üçin zerur mümkinçilikleriň üpjün edilmeginiň maksadalaýyk boljakdygyny belledi.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynda idedilýän bedewleriň ot-iým üpjünçiliginiň yzygiderli häsiýete eýe bolmagy nazara alnyp, bu ýerde atlar üçin iýmitleri ösdürip ýetişdirmäge niýetlenen ýer bölekleri berildi. Onda atlaryň iýmit birliginde zerur hasaplanýan käşir gök önümi hem-de alma baglary ýetişdirilýär.

Milli Liderimiz käşir ýetişdirilýän meýdanyň ýanyna geldi. Bu ýerde Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň wise-prezidenti B.Rejepow toplumyň çäginde atlar üçin ot-iýmlik ekinleriň ösdürilip ýetişdirilýändigi, şu ýyl käşiriň hem-de almanyň ýerli görnüşleriniň bol hasylynyň kemala getirilendigi barada maglumat berdi.

Bu ýerde atlar üçin niýetlenen alma baglary-da ösdürilip ýetişdirilýär. Milli atşynaslyk ýörelgeleriniň, köpýyllyk tejribäniň görkezişi ýaly, alma hem bedewler üçin örän ýokumly hasaplanýan, ekologik taýdan arassa iýmitleriň biridir.

Gahryman Arkadagymyz käşiriň hem-de almanyň ýokumlylyk derejesiniň örän ýokarydygyny, olaryň sagdynlygy, bogunlaryň berkligini üpjün etmekde we güýç toplamakda ähmiýetli iýmit hasaplanýandygyny belläp, bedewler üçin niýetlenen ot-iýmlik ekinleriň çägini giňeltmek ýaly şeýle tejribäniň Arkadag şäherinde hem ulanylmagy bilen baglanyşykly meseleleri öwrenmek babatda degişli ýolbaşçylara maslahatlaryny berdi.

Şol pursatda açyk ýataga çykarylan bedewleriň joşguny has-da artdy. Ynsan gylykly nurana bedewler giň ýatagyň içinde ikiýana çapdylar. Olaryň hyjuwynda, joşgunynda ýurdumyzyň okgunly ösüşi, ynsan bilen bedewiň arabaglanyşygy öz beýanyny tapýar. Milli Liderimiziň akylly bedewi özüne bildirilýän hormaty duýýan mysaly has-da joş aldy.

Milli buýsanjymyz bolan ahalteke bedewlerine aýratyn mähir bilen garaýan Gahryman Arkadagymyz bu görnüşleriň bedew bilen ynsanyň ýakyn arabaglanyşygynyň, behişdi bedewleriň wepadarlygynyň aýdyň nyşanydygyny belledi. Bu görnüşlerde zähmetsöýer halkymyzyň bedew atlaryna buýsanjy we söýgüsi, bedewleriň bolsa eýesine bolan wepaly gatnaşygy öz beýanyny tapdy.

**«Mugallymlar gazeti».**

# BELENT HEŇDE ÝAŇLANAN MUKAMLAR

**Düýn Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgünde «Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň belent maksatlarynyň aýdyň ýollary» atly baýramçylyk konserti geçirildi. Bu aýdym-sazly dabaradaky çykyşlar her güni beýik ösüşlere, zähmet üstünliklerine beslenýän watandaşlarymyzyň Arkadagly Gahryman Serdarymyza hem-de Gahryman Arkadagymyza belent söýgüsi, kalbynyň senasy bolup ýaňlandy. Çünki Garaşsyz Watanymyz hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda bedew batly ösüşler bilen bagtyýar hem-de nurana geljege barýar.**











Häzirki ajaýyp döwrümiz Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ösüşlere beslenýär. Şeýle beýik ösüşleri «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda hem aýdyň görmek bolýar. Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgünde ýurdumyzyň sahna ussatlary, halypa we ýaş estrada aýdymçylary, meşhur folklor-tans hem-de birleşen döredijilik toparlary çykyş etdiler. Bu çykyşlar ildeşlerimiziň baýramçylyk ruhuny has-da belende göterdi. Çünki aýdym-sazlaryň ajaýyp owazy ýurdumyzyň toý-baýramlara beslenýändigini aýdyň beýan edýär.

Sungat ussatlarynyň ýürek joşguny, yhlasy we zehini tomaşaçylaryň şowhunly el çarpyşmalaryna mynasyp boldy. Olar häzirki zaman liriki eserleri, halk köpçüliginiň söýgüsini gazanan halk aýdymlaryny, täze eserleri ýerine ýetirdiler. Tans toparlarynyň ýokary çeperçilikde ýerine ýetiren tanslary hem tomaşaçylarda aýratyn täsirleri galdyrdy. Ýurdumyzyň welaýatlarynyň birleşen folklor-tans toparlarynyň göwün göteriji çykyşlary her bir güni beýik ýeňişlere, zähmet üstünliklerine, umumymilli dabaralara beslenýän agzybir halkymyzyň kalbynyň senasyna öwrüldi.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň durmuşy möhüm ähmiýetli şanly wakalar, aýdym-sazly çykyşlar, medeni çäreler bilen utgaşdyrylýar. Şunuň bilen birlikde, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän beýik işleriň halkymyzyň bagtyýar durmuşyna gönükdirilendigini bellemek gerek. Häzirki wagtda türkmen halkynyň medeniýetine, däp-dessurlaryna uly sarpa goýulýar. Milli gymmatlyklarymyzyň waspy, ahalteke bedewlerimiziň şan-şöhraty dünýä ýaýylýar. Bu günki sahna eserlerinde, aýdym-sazly çykyşlarda ajaýyp döwrümiz hem-de milli gymmatlyklarymyz mynasyp wasp edilýär.

«Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň belent maksatlarynyň aýdyň ýollary» atly baýramçylyk konsertindäki çykyşlar, aýdym-sazlar ildeşlerimiz tarapyndan şowhunly garşylandy. Bu aýdym-sazly çykyşlarda hormatly Prezidentimiziň alyp barýan oňyn döwlet syýasaty netijesinde ýurdumyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmeginiň hatyrasyna, halkymyzyň abadan durmuşynyň bähbidine amala aşyrylýan beýik işler, türkmen halkynyň ruhubelentligi we watançylyk duýgusy, parahatçylyga hem-de döredijilige ygrarlylygy wasp edildi.

**«Mugallymlar gazeti».**

# MUKADDES GARAŞSYZLYK — BAKY BAGTYÝARLYGYŇ ŞUGLASY

1

Garaşsyzlygymyza eýe bolup, döwletimiziň galkynan, halkymyzyň begenen güni bagtyýarlykdyr. Şeýle bagtyýarlyga eýe bolmak, berkarar Watanda ýaşamak biziň her birimizi buýsandyrýar. Şonuň üçin hem biz döwrebap ösüşlerimizde mukaddes Garaşsyzlygymyzyň beýik ýoluny görýäris. Bu ýyllarda 35 ýyllyk şan-şöhratly ýol — berkararlygyň, döwletliligiň berk binýady kemala geldi. Ata-babalarymyzyň ýüzlerçe ýyllyk arzuwy hasyl boldy. Çünki bu baýramçylyk jebisligiň, asudalygyň, döwletliligiň baýramydyr.

Häzirki günlerde halkymyz mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk baýramçylygyna uly ruhubelentlik bilen dabaraly barýar. Toýlary toýlara ulaşýan Watanymyzda türkmen halkynyň agzybirligi, jebisligi asyrlara uzap gitsin! Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk toýy gutly bolsun!

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk şanly toýuna ruhubelentlik bilen barýan ildeşlerimiz beýik ösüşleriň gözbaşynda duran Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden buýsanjyny beýan edýärler. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, beýik işleri üstünliklere beslensin!

**Şähribossan GURBANOWA,**
**Aşgabat şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 132-nji orta mekdebiň mugallymy.**



# AGZYBIRLIGIŇ BERK BINÝADY

TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATY — MILLI DEMOKRATIÝANYŇ NUSGASY



**Häzirki ajaýyp döwrümizde halkymyzyň asylly ýörelgesi ösdürilýär, milli demokratiýamyz rowaçlanýar. Täze taryhy döwürde halk demokratiýasy esasynda il-ýurt bähbitli işleri üstünlikli alyp barmak esasy ugurlaryň biridir. Munuň özi halkymyzyň agzybirligini pugtalandyrmakda, milli demokratik ýörelgelerimizi mynasyp dowam etmekde hem berk binýat bolup durýar.**

Mälim bolşy ýaly, 23-nji sentýabrda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi geçirilýär. Bu bolsa milli demokratik ýörelgelerimize laýyk gelip, döwletli işleri üstünlikli alyp gitmekde berk binýatdyr. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde milli ýörelgelerimiz has-da rowaçlanýar. Halkymyzyň milli ýörelgelerini mynasyp dowam etmek jemgyýetiň jebisligini üpjün edýär we milli demokratiýany ösdürýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda ähli ugurlar boýunça uly üstünlikler gazanylyp, belent sepgitlere ýetildi. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan dünýäde çalt depginler bilen ösýän döwletleriň hataryna goşuldy. Diýarymyzda ýokary depginler bilen durnukly ösýän ykdysadyýetli häzirki zaman döwletini gurmak, adalatly raýat jemgyýetini berkarar etmek ugrunda ägirt uly işler amala aşyryldy. Häzirki döwürde döwletlilik ýörelgelerimiziň binýady kämilleşdirilýär we ösdürilýär. Bu işleriň hemmesi kuwwatly döwletimiziň binýadyny has-da pugtalandyrmaga, döwlet we häkimiýet edaralarynyň işini kämilleşdirmäge gönükdirilendir.

Häzirki döwürde Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde ýurdumyzda taryhy ähmiýetli işler durmuşa geçirilýär. Her ýylyň tylla güýzünde mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly baýramynyň dabaralary giň gerime eýe bolýar. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň güýzi hem ýurdumyzda Garaşsyzlygyň 35 ýyllygynyň toýdabaralaryna beslenýär. Şanly baýramçylygyň esasy dabaralarynyň biri-de halkymyzyň köpasyrlyk taryhyndan gözbaş alýan, il içinde abraýly, sylagly adamlaryň jem bolmagynda geňeş etmek, maslahat geçirmek ýaly asylly däbine eýerilip geçirilýän Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisidir. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde hem döwletlilik ýörelgelerimiz dabaralanyp, il-ýurt bähbitli çözgütler kabul ediler.

Agzybirligiň, jebisligiň, milli demokratiýanyň nusgasy bolan bu umumymilli forum Garaşsyz ýurdumyzyň ösüş ýolunda gazanylan sepgitlerden öňde duran wezipelere ser salmakda möhüm ähmiýete eýedir. Şeýle taryhy wakalara gabatlap, dürli pudaklarda göreldeli zähmetiň belent nusgasyny görkezen, ata Watanymyzyň gülläp ösmeginiň hatyrasyna halal zähmet çeken ildeşlerimize sylag-serpaýlaryň ýapylmagy, Şa serpaýlarynyň gowşurylmagy hem asylly däbe öwrüldi.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly taryhyň gatlaryna ýazyljak şanly wakalara baý boldy. Olaryň her biri döredijilik işgärleriniň waspyna, biziň her birimiziň buýsanjymyza mynasypdyr. Bu günki günde biziň her birimiz bu beýik ösüşleri wasp edip, wagyz-nesihat edýäris, Watanymyzyň beýik ösüşlerini dillerimizde sena edinýäris. Bu bolsa watansöýüjilik bilen gazanylan bagtyýarlykdyr.

Şu ýyl ýurdumyzyň syýasy-jemgyýetçilik, durmuş-ykdysady hem-de ruhy-medeni durmuşynda amala aşyrylan tutumly işler halkymyzyň öňde bellenen belent maksatlara ýetmekde çeken päk, hyjuwly zähmeti netijesinde amala aşyryldy. Ýurdumyzyň dürli künjeklerinde täze-täze binalar, desgalar, ýollar gurlup ulanmaga berildi. Biz muňa Garaşsyzlyk baýramyna gabatlanyp paýtagtymyzda guralan ýurdumyzyň ykdysady üstünlikleriniň sergisinde hem aýdyň göz ýetirdik. Çünki sergide ýurdumyzyň gazanan üstünlikleri, ykdysadyýetimiziň beýik ösüşleri, milli önümlerimiz giňden görkezildi. Bularyň ählisi mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly toýunyň uludan dabaralanýandygyny beýan edýär. Şeýle toý-baýramly günlerde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisiniň geçirilýändigi aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Çünki halk demokratiýasynyň üstünlikli durmuşa geçirilmeginde Türkmenistanyň Halk Maslahatyna möhüm orun degişlidir. Munuň özi Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň wekilleriniň, ýaşulularyň, aýratyn-da, il sylagly adamlaryň gatnaşmagyny üpjün edýär, il-ýurt bähbitli çözgütleri kabul etmekde wajyp ähmiýete eýe bolýar. Halkymyzyň milli demokratiýasyny ösdürmekde giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, beýik işleri üstünliklere beslensin!

**Baba MYRATBERDIÝEW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň başlygy.**

Usulyýet — sapagyň esasy

# ENE DILIMIZIŇ KADALARYNY ÖWRETMEK

Türkmen dili sapaklarynyň täsirli bolmagy we täze maglumatlaryň okuwçylaryň ýadynda oňat galmagy, geçilýän temalary olaryň çuňňur özleşdirmekleri üçin işjeň usullardan peýdalanýarys.

4-nji synpda türkmen dili dersinden «Y, ı, u, ü dar çekimlileriň sözüň ikinji bognunda düşürilip ýazylyşy» diýen tema geçilende, okuwçylara bu tema barada giňişleýin we anyk düşünje berýäris. Ilki bilen, geçilenleri gaýtalap berkidýäris. Türkmen dilinde jemi 9 sany çekimli ses bolup, olaryň 4-si dar çekimliler we 5-si giň çekimlilerdir. Dar çekimliler: y, i, u, ü. Giň çekimliler: a, ä, o, ö, e. Soňra multimedia tagtasynda ýörite taýýarlanan slaýdlar esasynda okuwçylara täze temany düşündirýäris. Sözüň birinji bogny açyk, çekimlileri gysga aýdylýan, soňy l, n, r, s, ş, z çekimsizlerine gutaran, iki bognuly düýp sözleriň soňuna çekimli bilen başlanýan goşulma goşulanda, sözüň ikinji bognundaky dar y, i, u, ü çekimlileri düşürilip ýazylmalydyr. Meselem: ogul-ogly, göwün-göwnüň, deňiz-deňze, agyz-agzy we ş.m.

Geçilen temany berkitmek üçin okuwçylaryň ýazuw depderlerine gönükme ýazdyrýarys we synp tagtasynda y, i, u, ü dar çekimlileriň sözüň ikinji bognunda düşürilip ýazylyşyna degişli sözbaşdak ýumuşlary işledýäris. Meselem: çagyl-çagly, demir-demri, toýun-toýny, döwür-döwrüň we ş.m. Geçilen temany soragnamalar arkaly hem berkidýäris. Dar çekimliler haýsylar? Iki bogunly düýp sözüň yzyna nähili goşulma goşulanda ikinji bogundaky dar çekimli düşürilýär? Dar çekimlisi düşüriljek sözüň çekimlileri nähili aýdylmaly? Synpyň okuwçylaryna dar çekimlileriň düşmek düzgünine degişli sözleri ýazyp gelmekleri öýe özbaşdak ýumuş hökmünde tabşyrýarys.

Sapagyň dowamynda okuwçylaryň işjeňligini, sapaga gyzyklanmasyny artdyrmak üçin bäsleşik, oýun usullarynyň-da ulanýarys hem-de döwrebap okuwgörkezme esbaplaryndan, interaktiw serişdelerinden ýerlikli peýdalanýarys.

**Kümüş GAJAROWA,**
**Daşoguz şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 28-nji orta mekdebiň mugallymy.**



# OKATMAGYŇ DÖWREBAP USULLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen bilim ulgamy ýokary derejede ösdürilýär. Döwrüň öňe çykarýan wajyplyklary bilen dünýä dillerini öwrenmek ýurdumyzyň ähli bilim edaralarynda ýola goýuldy. Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň daşary ýurtlar bilen halkara gatnaşyklarynyň ösmeginde hem berkemeginde iňlis dilini öwrenmek we doly derejede bilmek aýratyn ähmiýete eýedir.

Orta mekdeplerde iňlis dili sapaklarynda sözleri öwretmek we sözlem düzmek ýaly endikler kemala getirilýär. Okuwçylar iňlis dilinde Garaşsyzlyk temasynda düzýän her bir sözlemini Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletine söýgi we buýsanç bilen beýan edýärler. Okuwçylar goşgulary we aýdymlary öwrenenlerinde, Watanymyzyň gülläp ösýändigini, döwletimiziň ykdysadyýetde, syýasatda, medeniýetde, ýlymda we bilimde gazanýan uly üstünliklerini iňlis dilinde çeper beýan etmegi başarýarlar. Bu bolsa, öz gezeginde, çagalaryň diňe bir iňlis dilini öwrenmän, eýsem, täze maglumatlary hem düşünjelilik bilen özleşdirip bilýändigini görkezýär.

Iňlis dili sapaklarynda okuwçylaryň dünýägaraýşy baýlaşýar, olar täze sözleri öwrenip, pikirlerini beýan edip bilýärler. Bu bolsa olaryň iňlis dilinde sözleşmek endigini kemala getirýär. Sapaklarda diliň diňe bir sözlemek, gepleşik serişdesi däl-de, eýsem, dost-doganlyk köprüsi bolýandygyny hem düşündirýäris.

Häzirki wagtda okuwçylaryň söz baýlygyny ösdürmekde, olaryň dünýä dillerini öwrenmeklerinde ähli mümkinçilik bardyr. Şunda sapagy döwrebap guramaga uly üns bermelidir. Has takygy, orta mekdeplerde döredilen şertlerden peýdalanmak, lingafon synp otaglarynda täze sözleri diňletmek we okuwçylaryň söz baýlygyny artdyrmak möhümdir. Çünki ýaşlar okamak we diňlemek arkaly iňlis dilini tiz özleşdirýärler. Şeýle hem synp otaglarynda multimedia tagtasyndan peýdalanmak arkaly dürli şekilli görnüşleri düzüp, sapakda görkezýäris. Bu bolsa sapagyň has-da netijeli bolmagyna täsir edýär.

Häzirki ajaýyp döwrümizde dil öwretmegiň iň kämil usullary kemala gelýär. Şunda iň täze enjamlar, kompýuterler we audio ses ýazgylary



aýratyn orun eýeleýär. Bu enjamlaryň we ses ýazgylarynyň üsti bilen sözleri öwretmäge giň mümkinçilik alýarys. Şeýle hem sözleriň aýdylyşyny, manysyny ýat beklemekde kompýuter enjamlarynyň uly hyzmaty bardyr. Sözleriň dürs ýazuwyny we ýazuw kadalaryny öwretmekde okuw kitaplarynyň, şol sanda sözlükleriň aýratyn orny bar. Şonuň üçin hem häzirki wagtda iňlis dilini öwrenmäge aýratyn üns berilýär. Munuň özi ýaşlaryň dünýägaraýşynyň ösmegine, bilimde üstünlik gazanmaklaryna oňat ýardam edýär.

**Maýa MOWLÝAMOWA,**
**Kerki etrabyndaky 6-njy orta mekdebiň mugallymy.**

# MILLI GYMMATLYKLARYMYZYŇ BEÝANY

**Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde her bir günümiz bedew batly ösüşlere beslenýär. Munuň özi halkymyzyň abadançylygyny, raýatlarymyzyň watançylyk ruhuny, olaryň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe amala aşyrylýan giň möçberli durmuş-ykdysady özgertmelere goşant goşmak hyjuwyny şöhlelendirýär.**

Halkymyzyň her bir güni, her bir ýyly ösüşler bilen berk baglanyşyklydyr. 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylmagy halkymyzyň göwün guşuny göge göterdi. Bu şygar geçmişiň mirasy, şu günüň dabarasy we geljegiň aýdyň maksatlarynyň sazlaşykly utgaşmasydyr.

Bu günki gün hormatly Prezidentimiziň tagallalary netijesinde türkmen bedewleriniň şan-şöhraty bütin jahana ýaň salýar, sarpasy has-da belende göterilýär. Ahalteke bedewi türkmeniň uçar ganaty, syrdaşy hasaplanýar. Türkmeniň atçylyk sungaty müňlerçe ýyllaryň dowamynda ahalteke bedewleriniň kämilleşmegine, dünýäde at-owazasynyň ýaýramagyna we biziň günlerimize gelip ýetmegine ýardam etdi. Ahalteke atlary dünýäde iň gadymy tohum aty hökmünde tanalýar.

Her güni ruhubelentlige, bagtyýarlyga beslenýän halkymyzyň toýlary toýa ulaşýar. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygy mynasybetli dabaralar geçirilýär. Şeýle dabaralar biziň lukmançylyk ulgamynda okuw mekdebimizde hem yzygiderli guralýar. Ýaşlar bilen geçirilýän şeýle çäreler behişdi bedewlerimiz bilen baglanyşdyrylýar, atçylyk sport toplumlaryna gezelençler guralýar. Bularyň ählisi ýaşlarda watansöýüjiligi, milli gymmatlyklara sarpany kemala getirýär. Çünki ahalteke bedewleri türkmeniň milli gymmatlygy bolup durýar. Ahalteke bedewlerimiz Watanymyzyň şan-şöhratydyr. Şonuň üçin hem behişdi bedewlerimizi wasp etmek, ýaş nesilleriň arasynda wagyz etmek bilim işgärleriniň hem asylly ýörelgesine öwrüldi.

Ahalteke bedewleri müňýyllyklaryň dowamynda halkymyzyň rowaçlyklarynyň ýarany boldy. Türkmen halky bu gymmatlygy mukaddeslik saýypdyr. Hut şonuň üçin hem halkymyz häzirki ajaýyp döwrümiziň ösüşleriniň gadamyna uly ähmiýet berip, ol ösüşleri özüniň milli gymmatlygy bolan bedewiniň bady bilen baglanyşdyrýar. Bu günki günde beýik ösüşlerimize buýsanýan halkymyz mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk toýuny uly ruhubelentlik bilen garşy alýar. Şeýle şanly günler biziň ählimizi buýsandyrýar. Goý, ýurdumyzda toýlar toýa ulaşsyn!

**Güljahan ILAMANOWA,**
**Gurbansoltan eje adyndaky Daşoguz lukmançylyk orta okuw mekdebiniň mugallymy.**

# TÜRKMENIŇ UÇAR GANATY

**Bedewler ynsan ýaşaýşynyň aýrylmaz bölegi hökmünde möhüm orna eýe bolupdyr. Ahalteke bedewleri özüniň owadanlygy, gylyk-häsiýetliligi, düşbüligi bilen tanalypdyr. Ýurdumyzyň belent ösüşleriniň bedew badyna deňelýändigini hem ýylymyzyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» şygary bilen häsiýetlendirilmeginde öz beýanyny tapdy.Türkmen bedewleri owadanlygy, ýyndamlygy bilen dünýäniň ünsüni özüne çekip gelipdir. Ahalteke atlary dünýäde «Nusaý atlary», «Behişdi bedewler», «Asman atlary» diýlip tanalypdyr.**

Nakyllardyr atalar sözlerinde bedew bilen bagly paýhasly pikirleriň, jümleleriň köplügi halkymyzyň atyna goýýan belent sarpasyndan nyşan. «Ertir tur-da ataňy gör, atańdan soň — atyňy», «At agynan ýerde toý bolar», «At dosty — ata dosty», «Atyň barka ýol gazan, atań barka dost gazan», «At basyşyndan belli, är — bakyşyndan», «Atyň baryň ganaty bar» ýaly ençeme nakyllary döreden halkymyz özüniň ýaşaýyş-durmuşyny atsyz göz öňüne getirmändir. Türkmeniň batyr ýigitleri bilen bedew atyň arasyndaky dostluk, wepadarlyk gatnaşyklary barada ajaýyp nusgawy eserlerimizde-de giňden şöhlelendirilýär. Şol eserlerde atyň ynsan bilen dostlugy, öz eýesine wepadarlyk gatnaşyklary örän täsirli we çeperçilikli beýan edilýär. Meşhur «Görogly» eserinde türkmen bedewine «Saňa at diýmerin, gardaş diýerin!» diýilýän bolsa, türkmen halkyň döredijiligi eserlerimizde, çuň many-mazmunly, terbiýeleýjilik häsiýetli nakyllardyr atalar sözlerinde bedew bilen bagly paýhasly pikirlere uly orun berlipdir.

Häzirki döwürde türkmen bedewleriniň waspyny ýetirýän sungat eserleri yzygiderli döredilýär. Munuň özi halkyň kalbynda mäkäm orun eýelän milli gymmatlygyň ähli ugurlar boýunça dabaralandyrylýandygyny has aýdyňlygy bilen äşgär edýär. Bedewleriň şekili çitilen halylar, ajaýyp surat eserleri muzeýleriň we halkara derejesinde geçirilýän sergileriň bezegine öwrüldi. Bedewleriň heýkelleri ýurdumyzyň dürli künjeklerinde oturdylyp, olar ajaýyp binagärlik sazlaşygyny emele getirýärler.

**Jumamuhammet ABDYÝEW,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň uly mugallymy.**

# BILIM ULGAMYNDA TÄZE ÜSTÜNLIKLER

**Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygynyň dabaralanýan «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ähli ulgamlarda gazanylýan üstünlikler bilen bir hatarda bilim ulgamyndaky ösüşlerdir özgertmeler her birimizi guwandyrýar. Gazanylan guwandyryjy üstünlikler, ýetilen belent sepgitler toý buýsanjymyzy goşalandyrýar.**

Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak syýasaty üstünlikli durmuşa geçirilýär. Watansöýüji, sagdyn, hemmetaraplaýyn ösen, bilimli ýaş nesli terbiýelemek boýunça amala aşyrylýan giň gerimli işler özüniň ýokary netijesini berýär. Ata Watanymyzda dünýäniň öňün tejribesi işjeň öwrenilýär, daşary ýurtlaryň bilim we ylym merkezleri bilen gatnaşyklar giňeldilýär.

Bilim ulgamynda kabul edilen «Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasyna» laýyklykda, başlangyç bilim derejesiniň bilim maksatnamasy boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek wezipesi milli bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmakda aýratyn ähmiýete eýedir. Munuň üçin çagalaryň ýaş aýratynlyklaryny nazara almak bilen, başlangyç bilim derejesinde, okuw-terbiýeçilik işinde başarnykly çemeleşmeden ugur almak möhümdir. Sebäbi umumybilim maksatnamasynyň bu derejesinde okuwçylarda kemala getirilýän başarnyklar olaryň geljekde üstünlikli okamaklarynyň, täze bilim başarnyklarynyň kemala getirilmeginiň we ösdürilmeginiň, sazlaşykly ösen şahsyýetler bolup ýetişmekleriniň berk binýady bolup durýar.

Belent ruhly, hemmetaraplaýyn bilimli, aň hem beden taýdan kämil, watançy nesilleri terbiýeläp ýetişdirmek Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe döwlet syýasatynyň esasy wezipeleriniň biri hökmünde kesgitlendi. Watanymyzyň beýik geljegini ýaşlarda görýän Gahryman Arkadagymyz ýaşlar syýasatyny möhüm ugurlaryň hataryna çykardy. Bu beýik başlangyjy Arkadagly Gahryman Serdarymyz mynasyp dowam edýär we üstünliklere beslenýär. Ýurdumyzda ýaşlaryň döwrebap bilim almagy, ukyp-başarnyklaryny doly açmagy, dünýägaraýşyny giňeltmegi üçin ähli şertler döredilýär. Uly ynam, ýagşy umyt-arzuwlar bilen başlanan täze, 2026 — 2027-nji okuw ýyly hem üstünliklere baý okuw ýyllarynyň biri bolar.

**Hudaýnazar JUMAÝEW,**
**Saparmyrat Türkmenbaşy etrap bilim bölüminiň müdiri.**

## Eziz Diýar

Men ýazaýyn kyssa, şygyr,
Gözel ülkäm behişt, meger,
Tarypyňy ýaýsam eger,
Arzuw-islegim höweslän,
Gül Diýarym Türkmenistan!

Gözellikdir çar-künjegim,
Barha belende galjagym,
Aýdyň görnüp dur geljegim,
Ak menzilden barýas messan,
Gül Diýarym Türkmenistan!

Eziz Watan bagtdan paýly,
Ykbal eçilen serpaýly,
Her bir günüm baýram-toýly,
Parahatlyk Zemin-asman,
Gül Diýarym Türkmenistan!

Keşt eýlesem oba-şäher,
Şirin duýgy mähre ýakar,
Söýgim kalpda joşup akar,
Gursagym buýsanja beslän,
Gül Diýarym Türkmenistan!

Tagzym etmek togap maňa,
Waspyň ýaýmak sogap maňa,
Halal zähmet jogap maňa,
Köňül içre bagy-bossan,
Gül Diýarym Türkmenistan!

Ulus-ilde şatlyk görmüş,
Baky bagtyýardyr durmuş,
Garaşsyzlyk binýat bolmuş,
Ata-babalarym islän,
Gül Diýarym Türkmenistan!

Öňe, öňe, diňe öňe,
Arkadagly Serdar bile,
Köküň ýaýrap gidip çuňa,
Belent başyň göge ýetýän,
Gül Diýarym Türkmenistan!

**Şatlyk JEPBAROW,**
**Murgap etrabyndaky 3-nji orta mekdebiň mugallymy.**

## Buýsançnama

Beýik geçmişe sarpaly bahar-ýazly Watanda,
Döwrüň owazasy arşda, şöhrat-şany jahanda,
Berkarar ýurt, bagtyýar il geljege nur saçandyr,
Bedew badyň, belent adyň bu gün dillerde dessan,
Garaşsyz, baky Bitarap, jan Watan, Türkmenistan!

Göwün joşup şygyr goşýar, ylham gelýär zybana,
Döwletli günleň şanyndan joşgun alýar zamana,
Sende nurana gijeler, nur deý dogar sabalar,
Çar ýanymyz bagy-bossan, göwünler gül-gülüstan,
Garaşsyz, baky Bitarap, jan Watan, Türkmenistan!

Köňüller heýjana gelýär ata ýurduň şanyndan,
Ömürler reýhana gelýär döwrüň bedew badyndan,
Göwünler gül deý açylýar gülgün reňli ýazyndan,
Il agzybir, ýurt abadan, sende asuda asman,
Garaşsyz, baky Bitarap, jan Watan, Türkmenistan!

Ýylgyryp gelýän ýyllarmyz ak erteleň dowamy,
Dünýä içre dessan bu gün döwür — bagtyň owazy,
Topragy melhemden dörän, jana derman howasy,
Jemalyňa jahan aşyk, saýraýar şirin zyban,
Garaşsyz, baky Bitarap, jan Watan, Türkmenistan!

Bu Watan bagtyň ýarany, döwrümiz dünýä nusga,
Ýyllar-ýyllardan zyýada, günleriň gelşi başga,
Ýerde behişt dörär eken, Diýar gudrata duşsa,
Ýollaň aýdyň, adyň aýdym, sende ajaýyp zaman,
Garaşsyz, baky Bitarap, jan Watan, Türkmenistan!

Mertebeli menzillerde ýollar uzar geljege,
Dünýä haýran toýlarmyzyň goşalanyp gelşine
Göwne ganat, ömre zynat, Diýara şan berşine,
Arkadagly Gahryman Serdaryň ak ýoly rowan,
Garaşsyz, baky Bitarap, jan Watan, Türkmenistan!

**Aýjemal GAÝLYÝEWA,**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.**

## Garaşsyz Watan

Deňiz dek joşgunly, bahar dek güllän,
Garaşsyz, Bitarap Watanym bardyr.
Türkmene şamçyrag, gözellik, umman,
Garaşsyz, Bitarap Watanym bardyr.

Görki, gözelligi päkligiň nury,
Ýolumyz ýagtyldýan aklygyň nury,
Merdana milletiň gadymy ýurdy —
Garaşsyz, Bitarap Watanym bardyr.

Bedew kimin bady belende galýan,
Bagtyýar geljege umytly barýan,
Ýyl geçdigisaýyn ösýän, özgerýän,
Garaşsyz, Bitarap Watanym bardyr.

Täze Galkynyşly eýýamy bilen,
Binalary, köşgi-eýwany bilen,
Bu gün giň jahany haýrana goýan,
Garaşsyz, Bitarap Watanym bardyr.

Halkyň jigerinden — jandan söýdügi,
Dutar sazy, nepis halyň öýdümi,
Joşa gelýär göwünleriň aýdymy,
Garaşsyz, Bitarap Watanym bardyr.

**Arzygül NEPESOWA,**
**Ylym we bilim işgärleriniň kärdeşler arkalaşygynyň Babadaýhan etrap Geňeşiniň başlygy.**











## Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym!

Görmedik görmegi kalbynda beslär,
Elmydama dillerimde dessanym.
Bedew bady bilen günsaýyn ösýän,
Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym!

Şanyňa aýdýarys goşgudyr gazal,
Topragyň parahat, dury asmanyň.
Döwrümiz döwranly, çar ýanyň gözel,
Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym!

Rysgally durmuşyň artýar hümmeti,
Goýnuň lälezarlyk bagy-bossanyň.
Obadyr şäherleň misli jenneti,
Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym!

Halkymyz bagtyýar, Watan berkarar,
Asyrlara dowamatyn islänim.
Dünýä ýüzünde şan-şöhratyň ykrar,
Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym!

Belentde parlaýar ýaşyl Tugumyz,
Arkadagly Gahryman Serdarymyz,
Öňe alyp barýar, ösýär ýurdumyz,
Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym!

**Söhbet MERETGELDIÝEW,**
**Bäherden etrabyndaky 16-njy orta mekdebiň müdiri.**



# ÝAŞLYGYŇ KÄMILLIK ÝOLY

Biziň jemgyýetimiziň ösüşi, ykdysady üstünliklerimiz we ruhy gymmatlyklarymyz ýaş nesliň ylma, bilime we zähmete bolan höwesine baglydyr. Ylymly-bilimli ýaşlar — bu ýurduň intellektual baýlygydyr. Ýaşlaryň öňünde duran iň esasy wezipe — döwrüň talaplaryna laýyk gelýän çuňňur bilim almak, hünär öwrenmek, kämil şahsyýet hökmünde kemala gelmek.

Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny üstünlikli dowam edýän hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde Türkmenistanyň milli bilim ulgamy halkara standartlaryna laýyklykda kämilleşdirilýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ata Watanymyzda ylym we bilim ulgamyndaky milli tejribämiz dünýäniň öňdebaryjy gazananlary bilen utgaşdyrylýar. Ýaş nesle berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmak, bilim ulgamyna sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak babatda yzygiderli işleriň alnyp barylmagy bagtyýar ýaşlaryň kämil bilim almagyna giň mümkinçilikleri döredýär. Ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň esaslary döwrebap kanunçylyk binýady arkaly berkidilip, ýaşlaryň innowasion başlangyçlary öňe sürmegine, olary telekeçilige we ylmy-döredijilik işlerine işjeň çekmäge uly itergi berýär.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk şanly senesiniň bellenilýän ýylynda täze okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli ýurdumyzyň dürli sebitlerinde häzirki zaman çagalar baglarynyň, orta we ýokary okuw mekdepleriniň gurlup ulanylmaga berilmegi ýaş nesliň döwrebap terbiýelenmegi, sazlaşykly ösmegi ugrunda edilýän aladanyň aýdyň subutnamasydyr.

Döwletimiz tarapyndan gurulýan döwrebap bilim ojaklary, ylmy-barlag merkezleri we sport toplumlary ýaşlaryň zehinlerini hem-de ukyplaryny ýüze çykarmaklaryna şert döredýär. Şeýle döredilýän mümkinçiliklere, goldawlara we ynama jogap edip, ýurdumyzyň ýaşlary Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň halkara abraýynyň has-da belende galmagyna öz goşantlaryny goşýarlar. Olar halkymyzyň baý milli gymmatlyklaryna we taryhy däp-dessurlaryna wepaly bolmak bilen, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny berkitmekde, medeniýeti ösdürmekde we parahatçylyk söýüji daşary syýasatyny dünýä ýaýmakda uly güýç bolup çykyş edýärler.

Şanly ýylymyzda paýtagtymyzda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda dabaraly ýagdaýda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň, Türkmenabat şäherinde Seýitnazar Seýdi adyndaky



Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalar toplumlarynyň açylyp ulanylmaga berilmegi ýurdumyzyň bilim ulgamynyň dünýä derejesinde has-da ösdürilýändigini aýdyň görkezýär. Dünýäniň ösen, iň kämil innowasion tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylan ýokary okuw mekdeplerine halkara ülňülerine laýyk güwänamalaryň gowşurylmagy ýokary okuw mekdepleriň hil derejesini tassyklap, täze binalar toplumlarynyň bilim, ylym, sanly tehnologiýalar, halkara hyzmatdaşlyk üçin giň mümkinçilikleri açýandygyna şaýatlyk edýär. Häzirki wagtda Diýarymyzyň ýokary okuw mekdepleri diňe bir döwrebap bilimli, giň dünýägaraýyşly ýaşlary we hünärmenleri taýýarlamak üçin talabalaýyk enjamlaşdyrylan okuw merkezleri bolmak bilen çäklenmän, olar jemgyýetimiziň aň-bilim, medeni-ruhy ösüşiniň, Watanymyzyň durmuş-ykdysady abadançylygynyň hem ygtybarly binýady bolup durýar.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk toýunyň öňüsyrasynda Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde geçen umumy okuw sapagy ýaşlaryň watançylyk, ylym-bilim we kämil ahlaklylyk baradaky garaýyşlaryny bitewi bir ulgama jemläp, olaryň öňünde belent maksatlara tarap täze menzilleri açýar. Alym Arkadagymyzyň döwletlilik ýörelgelerine we milli gymmatlyklara esaslanýan çuňňur manyly çykyşy ýaş nesiller üçin beýik durmuş mekdebi, wepadarlygyň hem-de ynsanperwerligiň belent nusgasy boldy. Bu taryhy umumy okuw sapakda öňe sürlen pähim-paýhasly nesihatlar ata-babalarymyzyň baý medeni mirasyna we maşgala mukaddesligine goýulýan sarpany dabaralandyryp, ýaşlaryň kalbynda kämil ahlaklylygyň binýadyny has-da berkitjek ýörelgä öwrüler.

Gahryman Arkadagymyzyň beren atalyk pendi we görkezen taryhy ýoly Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ak geljege tarap ynamly gadam urýan bagtyýar nesilleriň halkymyza hem-de Watanymyza bolan mukaddes söýgüsini has-da belende göterýär. Gahryman Arkadagymyzyň umumy okuw sapagynyň dowamynda bilim, ylym ulgamynda ýetilýän sepgitler, gazanylýan netijeler barada durup geçmegi bu ulgama döwlet derejesinde berilýän aýratyn ünsüň aýdyň netijesidir. Gahryman Arkadagymyzyň dana pederlerimiziň: «Bilim bilen hikmet — altyndan gymmat», «Okadym diýme, bildim diý!», «Kitap okamaýan görýänini görer, kitap okaýan dünýäni görer» diýen paýhasly setirlerini mysal getirmegi, halkymyzyň müňýyllyklardan gözbaş alýan terbiýe mekdebi barada durup geçmegi ýaşlary beýik maksatlara ruhlandyrýan aýratyn durmuş mekdebi boldy.

Ýurdumyzy bedew bady bilen röwşen geljege alyp barýan Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň, türkmen ýaşlaryna parasatly öwüt-nesihatlaryny berýän ýaşlaryň durmuş mekdebi Gahryman Arkadagymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Ylýas MYRADOW,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.**

# SANLY ULGAMYŇ MÜMKINÇILIKLERI

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylmyň ösmegi, onuň iň täze gazananlarynyň durmuşymyza giňden ornaşdyrylmagy sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden peýdalanmak üçin şert döredýär. Häzirki wagtda sanly ulgam ýaşaýşymyza şeýlebir ornaşdy welin, durmuşymyzy ol bolmazdan göz öňüne getirmek hem mümkin däl. Her bir adamyň durmuşynda sanardan köp ýeňillikleri döredýän sanly ulgamyň ykdysadyýetimize ornaşdyrylmagy döwletimiziň ösüşini ýokarlandyrmakda, şonuň bilen baglylykda hem halkyň durmuşynda ençeme ýeňillikleriň döremeginde möhüm ähmiýete eýedir.**

Ýurdumyzyň ykdysadyýetini sanlylaşdyrmak durnukly ösüşi üpjün etmek bilen birlikde, halkara derejesinde özboluşly hem-de milli önümçilik kuwwatymyzy äşgär edýär. Bu bolsa ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleriň esasylary hökmünde bellenilmäge mynasypdyr. Öndürilýän önümleriň hil taýdan netijeliligini artdyrýan dünýäniň ösen döwletleriniň döwrebap hem-de ekologiýamyza zyýanly täsiri bolmadyk enjamlarynyň yzygiderli getirilmegi we täze tehnologiýalaryň ykdysadyýetimize giňden ornaşdyrylmagy ilatyň iş üpjünçiligini ýokarlandyrmakda hem möhüm bolup durýar. Sanly ykdysadyýetden oňat baş çykarýan hünärmenleri taýýarlamak hem bu ugurda alnyp barylýan işleriň esasy bölegidir, şoňa görä-de, orta, ýörite orta we ýokary okuw mekdeplerinde okuw sapaklary sanly ulgamyň iň täze gazananlary arkaly geçirilýär.

Bagtyýar ýaşlaryň sowatly, giň dünýägaraýyşly bolup ýetişmekleri üçin ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamyna öňdebaryjy dünýä tejribeleri ornaşdyryldy. Häzirki wagtda ýurdumyzda sanly bilim we ylym ulgamy döwrebap derejede ösdürilýär, netijeli işler amala aşyrylýar. Esasan hem, sanly ykdysadyýeti ösdürmek ugrunda netijeli işler durmuşa geçirildi we bu ugurda ýaş hünärmenlere uly ynam bildirildi. Şonuň netijesinde ýurdumyzda bilim, ylym ulgamlary bilen birlikde, ähli pudaklarda alnyp barylýan işleriň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen düzümleýin özgertmeler amala aşyrylýar. Munuň özi jemgyýetçilik durmuşynda ylym-bilimiň tutýan ornunyň ýokarlanýandygyna şaýatlyk edýär. Şonuň üçin hem ýaş hünärmenleriň bilim derejesiniň ýokary bolmagyny üpjün etmek, sanly tehnologiýalara, dünýä dillerine düşünmeklerini gazanmak esasy ugurlaryň biri bolup durýar.

**Arazsoltan ÖWEZOWA,**
**Daşoguz şäherindäki 16-njy orta mekdebiň müdiri.**

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR
MUGALLYMLAR GAZETI
ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Baş redaktor
Söhbet NURBERDIÝEW

BIZIŇ SALGYMYZ:
Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.



TELEFONLARYMYZ:
kabulhana — 38-61-53; jogapkär kätip — 39-96-40.
E-mail: mugallymlar-gazeti@sanly.tm
BÖLÜMLER:
syýasat — 39-96-39; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-47; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-42; habarçy hatlar — 39-96-48; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe günleri çykýar.

SANY - 18400.

4833001500073

Bahasy 30 teňňe.

Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 2 ç.k. A-119509

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.